# Türkmen ýazyjysy Ogulmaýa Saparowa baýraga mynasyp boldy

Category: Edebiýat täzelikleri,Kitapcy
написано kitapcy | 26 января, 2025
Türkmen ýazyjysy Ogulmaýa Saparowa baýraga mynasyp boldy
TÜRKMEN ÝAZYJYSY OGULMAÝA SAPAROWA BAÝRAGA MYNASYP BOLDY




*Türkiýäniň Baýburt şäherinde şu ýyl 27-nji gezek geçirilýän «Dädem Gorkut» medeni baýramçylyklary başlady*
Türkiýäniň Baýburt şäher häkimligi tarapyndan 27-nji gezek geçirilýän «Halkara Dädem Gorkut Medeniýet we sungat baýramçylygy» başlady.
17-nji iýulda duşenbe güni Masat obasyndaky Dädem Gorkut kümmedine edilen zyýarat bilen başlan medeni çäreler 23-nji iýulda ýekşenbe güni Aýdyndepe ýaýlasynda geçiriljek konsertdir halk oýunlarynyň çykyşy bilen tamamlanar.
Gorkut atanyň ýadygärligine gül goýulmagynyň we kortež ýörişiniň yzyndan Köşk howlusyndaky Atatürküň ýadygärliginiň öňünde baş egildi, Garaşsyzlyk gimni ýaňlandy. «Türk ýüzýyllygy we Dädem Gorkut» atly simpoziumyň çäklerinde alymlar Baýburt bilen baglanyşykly Anadoly we türk dünýäsinde Gorkut atanyň yzlaryny gürrüň berdiler. Bir ýygnanşygyň çäklerinde geçirilen we ýygnanşyga ýolbaşçylyk eden Baýburt uniwersitetiniň Ynsanperwer we jemgyýetçilik ylymlary fakultetiniň dekany professor Rafet Metiniň geçiren simpoziumynda Atatürk uniwersitetinden professor Ahmet Özgür

Güwenç «Dädem Gorkudyñ gürrüñlerinde hukuk», Tokat Gaziosmanpaşa uniwersitetinden Alpaslan Demir “Anadolyda türkleriñ derejesi», Ýozgat Bozok uniwersitetinden professor Ýunus Özger “Dädem Gorkudyñ watany Baýburtda öñe saýlanan şahsyýetler», Ankara uniwersitetinden professor Üçler Bulduk “Dädem Gorkudyñ we oguzlaryñ Anadolydaky yzlary», Atatürk uniwersitetinden Gülhan Atnur «Dädem Gorkudyñ gürrüñlerinde ozanlar ýörelgesi we Dädem Gorkutda türk baglanyşyklarynyñ yzlary» ýaly nutuklar bilen çykyş etdiler.



Simpoziumdan soñ Türk dünýäsi ýazyjylar we senetkärler fondunyñ (TÜRKSAV) 25-nji «Halkara Türk Dünýäsine hyzmat» baýragyna mynasyp bolanlara baýrak gowşuryldy. Bu ýyl Eýran Türkmensährasyndan Ogulmaýa Semizade-Saparowa Eýrandaky türk medeniýeti we edebi eserleri boýunça geçiren işleri üçin baýraga mynasyp bolan bolsa, Türkiýäniñ Gaziantep uniwersitetinden professor Erdal Baý taýýarlan «Türk dünýäsi watandaşlygy» maksatnamasy üçin baýrak almaga hukuk gazandy. Alymlara baýragy şäher häkimi Pekmezji, Baýburt uniwersitetiniñ rektory professor Mutly Türkmen, TÜRKSAV-yñ baş sekretary Ýawuz Güler gowşurdy. Baýrak gowşurylyşda türkmensähraly ýazyjy Ogulmaýa Saparowa şäher häkimi Pekmezjä türkmen donuny sowgat etdi.




@Kitapçylar.
https://www.turkavrasya.com/haber/27-bayburt-dede-korkut-solenleri-basladi-656

https://www.alevihaberler.com.tr/haber/27-bayburt-dede-korkut-solenleri-basladi-261

https://www.yenimuhalefet.com/haber/27-bayburt-dede-korkut-solenleri-basladi-19133 Edebiýat täzelikleri